# Gündelik: Tükgerip galan şäher…

Category: Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelik: Tükgerip galan şäher… TÜKGERIP GALAN ŞÄHER…

Ykbal uly höwes bilen başlan “Gündeligimiň” arasyna bir hepde salmaga mejbur etdi. Ýyl aýaklap gelende – 25-nji dekabrda, ýekşenbe güni giçlik körpe jigim dümewlän ejemi agyr ýagdaýda obadan getirip, şäheriň S.A.Nyýazow adyndaky hassahanasynyň reanimasiýa bölümine ýerleşdirendigini habar berdi. Öňdenem süýjüli diabetden ejir çekýän ejem iki günläp aýňalybilmedi. Soňky döwür süýjüli diabet (halk arasynda aýdylyşy ýaly «süýji kesel») hem milletiň başyna bela bolup indi… Biz hem eýýäm iki ýyl bäri ejeme ýolugan bu zannyýaman kesele dowa tapyp bilemzokdyk. 33 ýaşynda alty sany çülpe çagasy bilen ýanýoldaşsyz galan ejemi dädem pahyrdan beter 2005-nji ýylda 13 ýaşynda ýetişip gelýän ýigdekçekä tarpa-taýyn ýogalan jigim Hangulynyň hasraty çökerdi…
Ertesi güni, 26-njy dekabrda ýaş fantast ýazyjy Şirhan Allaberdiýewiň doglan günüdi. Doglan gün bahana. Şirhan bilen wagt tapdygymyzdan oturşyp-turşup, özara edebi söhbet gurşup ýöremizsoň, hem ejemiň daşynda-da jigilerim we beýleki ýakyn dogan-garyndaşlarymyz hozanak bolup ýörensoň, giçlik sagat 19:00-y geçiren badyma Şirhanyň şäheri erňekläp duran Gämi obasyndaky wagtlaýyn ýaşaýan ýerine eňdim. Palawyň başynda gyzykly söhbetler bilen “balyk ýüzmeýän suwdan” bir çüýşäni gyşardandan soň, Şirhandan ýagdaýlydygym üçin ötünç sorap, öňümizdäki 3-nji fewralda – meniň doglan günümde arkaýynçylykda oturyşmagy wadalaşyp, gyssagly hassahana tarap gaýtdym.
(Şirhan we onuň saçagynyň başyndaky eden gürrüňlerimizi şirnikdirip “Şirhanyň diýýän zady köp…” ady bilen giňişleýinräk ýazaýjakdym. Emma ykbalyň ajy şarpygynyň beren awusynyň üstünden eýýäm dokuz gün geçenem bolsa, pikirimi

durlap, özümi dürsäp bilemok).
“Balyk ýüzmeýän suwuň” berýän ýylysy dagy bolmasa, gijäniň sowugynda hassahanany garawullap durar ýalam däl. Gije sagat 03:00-e golaý daň atmaga galan üç sagady-da jigilerim alyp çykar diýen pikir bilen öýe gaýtdym. Öýe gelibem ynjalygym bolmady. Ir sagat altylara öýden çykaýyn diýip durkamam jigim “geliber…” diýip jaň etdi. Zordan «bolýa…» diýip bildim. Şäher üstüme ýykyldy… Bar zat düşnüklidi. 27-nji dekabr gününiň daň säheri maşgalamyza ýetip gelen Täze ýylyň şum “sowgadyny” gowşurdy.
Ejem 26-njy dekabrda 62 ýaşyny dolduryardy, şol günüň ertesi – 27-nji dekabryň daň säherinde-de bakyýa göç etdi. Görgüli öňümizdäki ýyl dädem pahyryň ýaşyna goşup, akgoýun toý bererin diýen arzuw-umytdaddy, üstesine Mekge-Medinä hem zyýarat edip gelerin diýip, «oglum, müftilige gidip, maňa-da nobat belle» diýýärdi. Şu gün-erte bilen oňa-da wagt tapman ýördüm. Nobata ýazylanam bolsam, takdyr bularyň ikisini-de amala aşyrmaga idin berjek däl eken. Herhal, «Ýagşy niýet – ýarym döwlet» edip, durup bir goýmaly ekenim.
Birki sagatlyk güýmeň-saýmaňlykdan soň lukmanlaryň elinden panynyň güzabyndan hemişelik dynan käbämizi alyp, oba tarap ugradyk. Howa hem bulaşyk. Bulutlar ýere degäýjek-degäýjek bolup durdy. Howa bulaşyk bolsa, ýagyş-gar ýagsa Arçmanyň üstünden oba inýän gara ýoluň Garawul obasyndan soňky asfaltsyz böleginden ýöremek hyllalla. Ýol palçyk ýa-ça typançak bolsa, ýeňil awtoulag bilen dagyň egrem-bugram kötellerinden geçip, oba aşmak kyn. Şeýle töwekgelçilige ýüz urýanlaryň soňunyň pajygaly gutarýan wagtlaram seýrek bolmaýar. Ejemi alyp barýan awtoulagyň “Sienna”-dygyny (peredoksyz) hasaba almasaň, biziň bilen barýan beýleki awtoulaglaryň hemmesi “Jip”-di. Aýagyň aşagynda “Jip” bolsa, ýagyşy-gary-da, batgany-da, palçygy-da, dagy-köteli-de äwmeseň bolýar. Könegümmez obasynyň gapdalyndan geçýän howply köteli hasaba almasak, oba kynçylyksyz aşdyk.
Öýle sagat 15:30-da jynaza namazyna duruldy. Işden kän sypynyp bilmeýändigime garamazdan, mümkinçilik tapdygymdan oba bolsun, şäher bolsun, dogan-garyndaş, obadaş ýa daşky ilen-çalan,

tanyş-biliş bolsun, tapawudy ýok – kim bolsa-da, biriniň ýogaldy habaryny eşitdigim gatnap ýörenimemi, ýa ene-atamyň sylag-hormaty üçinmi, garaz, obadan-şäherden adam gelibildi. Il-gün şular ýaly ýerde gerek. Jynaza duran, depin çäresine gatnaşan adamlaryň garaşyşymdan köplügi meni il-günümiň, dogduk obamyň öňünde geljekde amala aşyrmagy meýilleşdirýän kän-kan arzuw-hyýallaryma borçlandyrdy.
Iň agyr pursatlary käbämi içki jaýyna ýerleşdirende başdan geçirdim. Depin çäresine ýolbaşçylyk edip oturan molla “Merhumyň uly ogly bilen uly erkek doganyna rugsatdyr…” diýende, başdan geçiren duýgularymy hiç haçanam beýan edip bilmerin. Megerem şol pursatdaky duýgulary galam oýnadyp bilýän hiç bir ýazyjy-şahyr hem beýan edip bilmese gerek. Haçanda käbämi içki jaýa ýerleşdirenden soň kepeniň daşyndan daňlan mata ýüpi çözmelidigini duýduranda, käbämi ýalançy dünýäniň gözi bilen gören iň soňky minudumyň ýetip gelendigini duýdum. Käbämiň «dabanyna jennet ýerleşen» aýaklaryny goýberesim gelenokdy. Alaç ýok, ýüpi-de çözmeli boldum, daýym bilen bile ilkinji gumy-da atmaly boldum…
Gabyrdan çykansoňam esli wagtlap özümi dürsäp bilmedim. Diňe mollanyň “Pylankes nähili adamdy?..” diýen üç gezek gaýtalap berýän sowalyna, adamlaryň biragyzdan berilýän “Ýagşy adamdy!” jogabyny eşidenimde, adam oglunyň hemmesiniň başyna irde-giçde inmeli gutulgysyz şum hasratyň meniňem başyma inendigini we mundan beýläk ony edil menden öň başyna inenler bilen deň derejede meniňem mertlerçe çekmelidigimi bildim.
Bar zatdan beter bir ýowuz pikir meni erbet kösedi. Adam ýere duwlanmaly bolanda, iň gymmatlylarynyň, şu ýagty jahanda ezizläp ýören iň ýakyn hossarlarynyñ – oglunyñ, doganynyñ we gaýry ýakynynyñ… aýagynyñ astyna düşmeli. Hut şolar hemmeden öññe seniñ üstüñe aýagynyñ astyndaky gumy sürmeli. Mundan – aýak astyna düşmekden gaçyp gutulyp biljek adam balasy ýok.




*Ejem birýarym ýaşda aradan çykan menden uly erkek doganym Wepa (1982-nji ýylda doglan) bilen.*

Ejemiň bir sözi bardy: “Adam pahyr – öldüň gutardy… Düýnki ölenem, müň ýyl öň ölenem des-deň”… Käbämi müňýyllyklardan bäri dowam edip gelýän merhumlar kerwenine elin tabşyrmaly boldy. Şeýdip meniň ejemem müňýylkylar bilen deňleşdi. Şäher depäme, dünýä başyma düňderilen ýaly-da bolsa, günler şol öňküsi ýaly üýtgewsizligine geçip durdy. Haý diýmän, üçüni-de sowduk, ýedisini-de. Öňňin obada ýedisini sowup, düýnem şähere gelip, öýde ýedisini berdim. Allatagala hemmämiziň başynda bar şu güni her kese gijinden we şeýle hasratly günde kanagat, sabyr-takat bersin. Kyn. Dünýäde iň eziz, iň gymmatly zadyňy öz eliň bilen ýere tabşyraýmak, şeýle günde çekilýän ýasa çydam edäýmek, kanagat getiräýmek kyn eken… Göwnüme bolmasa, mundan öňki durmuşymda rowaç tapan her bir işim ejemiň biziň üçin her namazynyň yzyndan ýa her oturanda-turanda edýän ýagşy doga-dileglerinden bereket tapýan ýalydy. Dogrusyny Alla bilýändir welin, ene dogasyndan binesip galan perzentleriň soňky durmuşynda-da mähriban käbeleriniň mübärek ruhlary gol-ganat gerip durýan bolsa gerek. Rebbim, meni-de soňky manysyz durmuşymda şeýle penadan binesip etmesin! Şeýle kyn günde bizi ýeke goýman, ruhy we maddy goldawyny gaýgyrmadyk ähli dogan-

garyndaşlarymyza, ilen-çalanlarymyza, dost-ýarlarymyza, tanyş-bilişlere we gaýrylara jan saglygyny, maşgalasynyň, ýakynlarynyň arasynda başynyň dikligini, ömürleriniň uzak bolmagyny… Beýik Allatagaladan nyýaz edýärin!
Dek ýaňy, öýüň penjiresinden şäheri synlap esli durdum. Göwnüme bolmasa, üstüne “ýyldyz dökülen ýaly” şäheriň maňa indi öňki mazasy-da ýokdy, gyzygy-da. Ejem bize artykmaç iş bolmaýyn diýip, şähere gelende, käte maňa görünmänem, bildirmänem jigimiň öýünden oba gaýdyp giden gezegi bolýardy. Öz ýanymdan ejemden öýkelän bolardym… Şäheri synlap durşuma on gün öňki şäher bilen şumatky şäheriň tapawudynyň bardygyny duýdum. Öň şähere gelende, bize gelse-de, gelmän gaýdyp gitse-de, ejeli dünýäde ýaşaýan ekenim. Indi beýle däl. Şäher horkuldysy içine sygman tükgerip galan kişä meňzeýärdi. Haçanam bolsa bir gün menem öz gezegimde içgysgynç şäheri taşlap, käbämiň ýanyna gaýyp giderin. Şäheriň “tüýem” gymyldamaz. Durmuş öňküsi ýaly dowam eder. Şäherem şol öňki içgysgynçlygyna galar. Bü rehim-şepagatsyz sowuk şäherden ölüp gitseňem, ölmänkä diriligiňe başyňy alyp gitseňem gynanjak, «wah» diýjek ýok. Öli ýa diri halda şäherden çykyp gidenleriň sanyny bilýän, ýöredýän bir barmyka beri?!.
Hawa, ykbal uly höwes bilen başlan “Gündeligimiň” arasyna bir hepde salmaga, yzyny özüm islemezden şeýle hasratly setirler bilen dowam etdirmäge mejbur etdi.

Aşgabat.

Çarşenbe, 04.01.2023 ý. 20:30.

Has TÜRKMEN. Ýatlamalar